# Gündogaryň dilewarlyk sungaty

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündogaryň dilewarlyk sungaty GÜNDOGARYŇ DILEWARLYK SUNGATY




«Günbatar Günbatardyr, Gündogar bolsa Gündogardyr, olar hiç haçan birleşmeýär». R. Kiplingiň bu sözleri, köplenç, bir medeniýeti beýleki birine garşy goýmak üçin ulanylýar. Hatda Günbataryň Gündogardan artykmaçdygyny nygtamak üçin hem ulanylýar. Araçäk taýdan alnanda, Gündogar, adatça Aziýa bilen bir zat edilip görkezilýär.
Elbetde, sebit, milli özboluşlylyk hemme wagt bar. Emma umumylyk üstün gelýär, sebäbi islendik medeniýetiň esasyny umumadamzat gymmatlyklary düzýär. «Antik» adalgasy dar manyda grek-rim gadymyýetini aňlatsa-da, antik siwilizasiýa diňe Gresiýa we Rim bilen çäklenmeýär. Emma beýleki gadymy (hatda has gadymy) siwilizasiýanyň hüwdüleri Gündogarda-da, mysal üçin, Mesopotamiýada, Hindistanda, Hytaýda hem bolupdyr.

Jemgyýetçilik ösüşiň derejesini ölçeýän synag daşy, ruhy medeniýetiň bir bölegi dilewarlyk sungaty hasaplanýar. «Gündogar inçe iş» diýen meşhur aňlatma her dürli düşünmek mümkin. Emma onuň iň göni, iň dogry manysy söz sungatyny häsiýetlendirýän gadymdan bäri Günbatarda ýokary baha berlen ajaýyp setirlerde bar:

Akyldarlar jogap bersin:
Dilmi ýa-da ýaşaýyş.
Ölmejek ýok, geçer ömür,
Gymmatynda söz galjakmyş.

Gündogarda edil Günbatardaky ýaly sözüň çuň manysyna, onuň adam durmuşyndaky täsin güýjüne oňat düşünýärler. Hawa, Günbatar, hakykatdan hem, inçe iş. Bu ýerde dil ýa-da söz dürli manyda gelýär. Ol ýiti tyga meňzedilýär.

Dilim – tygdyr, gyýny ýok,
Mydam ýalaňaç – ol gorkunç.

Käte tyga derek gylyç ýatlanýar:

Gyljyň salan ýarasy,
biter hökman iru-giç,
Diliň salan ýarasy,
bitmeýär ol asla hiç.

Dili ýylan bilen deňeşdirmek Günbatarda däp bolupdyr:

Diliň zäheri ýylanyňkydan güýçli.
Ajy söz – ýylanyň zäheri.
Süýji söz ýylany hininden çykarar.
Zäherli ýylanyň awusyndan gorkma,
Adamlaryň erbet dilinden gork.

Adatça Gündogarda iň beýik hormata dilewarlyk sungatyny ele alan adamlar mynasyp bo lupdyrlar. Çünki arap pähiminde aýdylyşy ýaly, «Iň gowy dil – saklanany, iň gowy söz – berk oýlanyp aýdylany». «Söz sözläniňde aýdýan sözleriň dymmakdan gowy bolmalydyr».

Dilewarlyk sungatynyň döremeginiň sebäpleri we ösüş ýollary

Gündogarda we Günbatarda jemgyýetiň durmuşy bilen berk baglanyşykda bolup, olaryň arasynda köpsanly umumylyklar bar. «Haýsydyr bir zada ynandyrmak, düşündirmek, rahatlandyrmak, çagyrmak, ine, bular durmuşyň hemişe biziň üstümize ýüklän borçlarydyr» – diýip, düýrmegi bilen terkidünýälige berilmedik islendik adamyň bu borçlarda wagtal-wagtal dilewar hem bolmagynyň esasy sebäplerini gören, dilewarlyk sungatyny öwrenijileriň biri A.W.Mirtow ýazýar.
Şunda beýik münberde we uly märekäniň öňünde duýgusyz çykyş edýän adamy dilewar hasaplamak bolmaz. Münber bolman hem biler, öňüňde oturan uly bolman hem biler. Çykyş owadan bolman hem biler. Emma şu ýagdaýda diňleýjiler ondan gözüni aýyrman, onuň her bir sözüni «gapyp» dursalar, soňra bolsa onuň yzyna düşüp islendik ýere gitmäge taýýar bolsalar, onda olaryň öňünde hakyky dilewaryň çykyş edýändigini tassyklamak bolar.
Dilewarlygyň biziň günlerimize gelip ýeten iň gadymy görnüşi ähli halklarda halk döredijiliginiň dürli žanrlarynda – aýdymlarda, tymsallarda, rowaýatlarda, aýtgylarda we beýlekilerde şöhlelenmesini tapan halk dilewarlygynyň sözleýiş görnüşi bolupdyr. Her bir halkda öz zehinli aýdyjylary tarapyndan agyzdan-agza, nesilden-nesle geçip gelen eposy bilen meşhurlyk gazanan dilewarlyk sungatynyň ilkinji wekilleri bolupdyr.
Gündogarda bular öz milli saz gurallary bilen iň söýgüli epiki gürrüňleri ýerine ýetiren aşyklar, akynlar, bagşylar, şahyrlar we beýlekiler bolupdyr. Türkmen bagşylary diňe bir aýdym aýtmakdan däl, eýsem, onuň ýanynda dutar we beýleki saz gurallaryny çalmakda ýokary hünär derejesi bilen tapawutlanypdyr. Türkmenler bagşy-sazandalara haýsydyr bir ýokarky, jadylaýjy güýjüň howandarlyk edýändigi baradaky düşünjä ynanypdyrlar.
Her obanyň öz bagşysy bolupdyr. Aýratyn zehinli bagşy-sazandalar beýleki obalara, toýlara çagyrylypdyr. At-owazasy dag aşan bagşyny diňlemek üçin köp märeke, hatda beýleki obalardan hem ýygnanypdyr.
Bagşylar özleriniň üýtgeşik ýatkeşlikleri arkaly örän köp mukdardaky halk döredijiligini we beýleki edebi eserleri ýat

tutupdyrlar. Olar ýerine ýetirilende käbir üýtgetmeleri salmaga, hatda ýüzugra üýtgedip gitmäge hem ýol berlipdir. Diňe bir türkmenler däl, Týan-Şanyň çäklerinden tä Balkana çenli, Kaspiden Sibire çenli giňişlikde ýaşan köp halklarda iň söýgüli gahrymany Görogly we halkyň edermen milli epiki eserleriniň toplumy «Görogly» şadessany bolupdyr.
Türkmen halkynyň «Görogly» dessanynyň ýerine ýetirilişinde özboluşly tapawut bolup, kyssa bilen şygyr gezekleşip gelipdir. Dessan aýtmaklyk käte birnäçe gün dowam edipdir. Diňleýjiler bagşyny ruhlandyryjy goldaw sözleri we gymmat bahaly sowgatlar bilen höweslendiripdirler. Aýdyjylaryň özleriniň hem gürrüňleriniň gahrymany bolýan halatlary seýrek bolmandyr. Mysal üçin, «Dädem Gorkut» oguz şadessanyny düzýän 12 sany halk kyssasyny birleşdirýän Gorkut atanyň keşbi arkaly gadymy oguz gahrymanlarynyň edermençiligi görkezilipdir:
Däde Gorkut gopuz çalýar we gürrüň berýär.
Atyň aýagy ýüwrük, aýdymçynyň dili kesgir.
Aýlar geçdi, ýyllar geçdi.
Oguz taýpasyndan (adamlar) öldüler we doguldylar…
Gündogar halk döredijiligine häsiýetli tärler deňeşdirme, garşy goýma, meňzetme, allegoriýa. Munuň ählisini diňe bir epiki gürrüňlerde däl-de, halk döredijiliginiň kiçi görnüşlerinde – nakyllarda, atalar sözünde beýanyny tapýar. Olaryň köpüsi dana wesýetleri özünde saklaýar.
Hemme zady özüň diňle, emma her gezek, Sen sözleri gysgan, Bolsun agzyňyz bir, gulagyňyz iki – diýlip aýdylmagy ýöne ýerden däl. Şundan «Köp diňle, az sözle» diýen netije gelip çykýar.
Gündogarda Günbatara seredende sözüň gysgalygyna uly üns berlipdir.

Ýüpüň uzyny ýagşy, sözüň gysgasy.
Köp söz diňe eşeklere ýüklenen artykmaç ýükdür.

Gündogaryň sözleýiş sungaty aşakdaky pähimde jemlenipdir.

Pikiri ýüz söz arkaly bermek aşa,
Ýüz pikiri bir sözde aňlatmak başga.

Dilden söz gaçmasa ýagşy,
Söz ýürekde bişip ýetişmek bilen.

Görnükli hytaý filosofy Konfusiý özüniň sözleýiş sungatyna bagyşlanan pähimlerinde şeýle ýazýar. Birinjiden, «Gadym wagtlarda adamlar köp geplemegi halamandyrlar. Olar öz sözlerine göwni ýetmän, ony özleri üçin masgaraçylyk hasaplapdyrlar». Ikinjiden, «Öwgüli sözler mylakatly adamy üýtgedýär. Ownuk zatlarda kanagatsyzlyk beýik işleri puja çykarýar» we ahyrynda-da «sözleriň pikiri şöhlelendirmegi ýeterlikdi».
Mundan şeýle netije çykarmak bolar: «Gündogaryň gadymy dilewarlyk sungatynda esasy üns möçberi boýunça gysgajyk artykmaç aýdylmadyk owadan sözleýişde jemlenilmelidir». Diňe bir zat kabul edilipdir: köne söz täze söze bezeg. Gadymy nakyllar görnüşinde biziň günlerimize ýetip gelen köp nesihatlar şu günki gün has gymmatly. Mysal üçin:

Etmän gykylyk edenden, etmek we dymmak gowudyr.
Ýüregi arassa bolanyň, dili gorkmaz bolar.
Kimiň aýdany wajyp däl, näme diýeni wajyp.
Hapa sözleri agza alma, köp gepländen köp bil.
Bilýän zatlaň ählisini aýtma, emma aýdýan zatlaň hemmesini bil.
Adam sözi bir güýçdür, yzyna gaýdýan däldir.

Häzirki döwrüň dilewarlary hem şu düzgünleri bilip, ýatda saklasalar we olardan ugur alsalar maksadalaýyk bolardy. Onda aşakdaky ýaly ýagdaýlar ýüze çykmazdy:

Saýraýan bilbilden aňňyrýan eşegiň sesi ýiti.
Akylly, parasatly dilewary bolmadyk jemgyýete kyndyr.
Bilbil saýramadyk şahalarda gurbaga-da bilbil.

Halk dilewarlyk sungatynyň dilden aýdylýan görnüşinden başga-da, Gündogarda Günbatara seredende dini wagyz-nesihat bilen baglanyşykly ruhy dilewarlykdan peýdalanmak meşhur bolupdyr. VII-VIII asyrlarda gündogar ýurtlarynda daşlara, butlara

çokunýan, köphudaýlylyga uýýan din başga bir din – yslam bilen ornuny çalşypdyr.
Jemgyýetçilik gurluşynyň, hökümetiň we beýlekileriň üýtgeýşi ýaly, diniň çalyşmagy kynçylyksyz amala aşmaýar. Şol sebäpden yslam dininiň ornaşmagy Gündogarda dilewarlyk sungatynyň geljekki ösüşiniň ilkinji şerti bolupdyr. Yslam – iň ýaş dinleriň biri. Ýöne iň gadymy dinler hem dilewarlyk sungatyna zerurlyk çekipdir. Meselem, gadymy Hindistanda dini senalaryň we wagyzlaryň ölçegleriniň toplumy Wedalar (sanskritçe – bilim) döräpdir. Wedalaryň tarapdarlary olaryň edebi şekilde dilden aýdylýan tekstlerinde aňladylýan pikirlere Hudaýa ynanan ýaly ynanypdyrlar.
Häzirki wagta çenli şol ynançlaryň ýerine ýetirilişi diňe dilden aýdylyş görnüşinde agyzdan-agza geçip gelýär. Yslamyň ýaýran döwürleri käbir gündogar ýurtlarynda mekdepleriň, şeýle-de käbir milli dilde açylan mekdepleriň açylan döwri bilen gabat gelýär. Olarda wagyz ediji we bilim beriji, köplenç, bir adam bolupdyr. Diňe bir Günbatarda däl, eýsem beýleki ýerlerde hem şeýle adam döwrüniň iň adaty dilewary bolupdyr.
Dilden aýdylan sözüň täsir ediş güýjüne şadyr patyşalaryň köşklerinde hem düşünipdirler. Şäher häkimleri, hatda patyşalar hem köşk şahyrlarynyň taýýarlan, raýatlara ýüzlenip ýazan tekstlerinden peýdalanypdyrlar. Şeýle çykyşlar özboluşly dilewarlygy bilen tapawutlanypdyr. Bu çykyşlar, adatça, mukaddes baýramçylyklaryň geçirilýän günlerinde ýerine ýetirilipdir. Şol sebäpli, düzgün bolşy ýaly, yslamyň esasy ornunyň berkemegine ýardam etmek bilen, dini häsiýetli bolupdyr.
Dini wagyz-nesihatyň garşysyna dünýewi dilewarlyk ösüpdir. Onuň görnükli wekilleri bolup akyldarlar, şahyrlar çykyş edýär. Mysal üçin, Ibn Sina, XV asyryň görnükli akyldary, özbek şahyry Alyşir Nowaýy, XII asyryň başynda we XIII asyrda azerbaýjan şahyry, akyldary Nyzamy Genjewi, XVII asyryň türkmen şahyry, akyldar Magtymguly we beýleki şahsyýetler, ähli wagyz-nesihatçylar bilen deňeşdirilende, öz halkyna şöhrat getiren beýleki köpsanly şahsyýetler ýaşapdyrlar.

Alyşir Nowaýy öz mejlisini – «özboluşly uniwersitetini» döredipdir we onda pähimli hem gönümel söze ýugrulan dilewarlyk sungatynyň nazary esasy – ritorika okadylypdyr. Munuň üçin ol yzygiderli yzarlanypdyr. Şygyrlarynyň birinde ol öz durmuşyny şeýle aňladypdyr: «Ýaňlan, meniň sözüm, ajy hakykat bol».
Gündogarda dilewar islendik mesele boýunça söz çekişmesine girip, bäsleşmegi başarmaly bolupdyr. Mysal üçin, adamyň ruhy dünýäsine örän çuňňur düşünýän, islendik ýagdaýda we islendik jedelli mesele boýunça öz diňleýjilerini söz bilen ynandyryp bilen, «Söz açary» traktatynyň awtory, ferganaly Kazy Uşany (XV – XVI asyr) hem şolaryň biri bolupdyr.
Gündogaryň sözleýiş sungaty «Az bolsun, uz bolsun» («Ýa lal açgyl, ýa dür saçgyl») diýen kanuna berk uýýan maslahaty bilen diňleýjileriň ýüreklerini ýumşatmaga gönükdirilen bolupdyr. Nyzamy Genjewi öz şygrynda Gündogaryň sözleýiş sungatyna aşakdaky ýaly esasy talaplary belläpdir.

Söz bu! Akyp barýan suwuň ýalkymy!
Söz näçe az bolsa, manysy anyk.
Päkize suw aryk bolup ýol açar,
Arman bil – içseň gereginden artyk,
Goý, seniň pirleriň hem zerur bolup,
Söze gadyr goýgun, göýä, dür ýaly,
Misli seýrek duşýan gysga ýol ýaly.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda hem sözleýşe degişli bir setirler bar:

Aňlamasaň, görde gizlen,
Akyldyr iş soňun gözlän.
Gepin tapyp, ýagşy sözlän,
Misli dür seçen ýalydyr.

Görnüşi ýaly, bu adaty gündogar täri – sözüň gymmat bahaly daş bilen deňeşdirilmegidir. Ol diňe bir owadan däl, eýsem pähimli hem bolmaly. Orta asyrlarda we ondan soňky döwürlerde yslamyň roly artdy. Dilewarlygyň aýratyn zehini mahsus bolan

wagyzçylarynyň entek ýaşap ýören wagtlary öz okuwçylary hem yzyny ýöredijileri tarapyndan mukaddeslik derejesine ýetenleri seýrek bolmandyr. Şeýle şahsyýetler jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryna diýen ýaly düýpli täsir etmegi başarypdyrlar. Şol derejedäki dilewarlaryň biri dagystanly şyh Magomed Ýaraçanskiý bolupdyr.
Diňe bir gadymy dinlerde däl, ýaş dinlerde hem dilden sözlemek ussatlygyna – sözleýiş sungatyna mynasyp orun berlipdir. Mark Tulliý Siseronyň (b.e. öň I asyr) aýdanlaryny ýatlalyň: «Kim adamlary tolgundyrýar? Olar geplände şondan gözüňi aýryp bolmaýar? Kim olary buýsanç sözlerini aýtmaga çagyrýar? Olar kimi, şeýle aýdylanda, adamlaryň arasynda hudaý hasaplaýar? Yzygider, anyk, töwerekleýin, aýdyň sözler bilen we aýdyň keşpler bile…, bir söz bilen aýdylanda, owadan gürleýän adamlary».
Şeýlelikde, «Günbatar Günbatardyr, Gündogar bolsa Gündogardyr, olar hiç haçan birleşmeýär». Olara birleşmek nämä gerek? Goý, olaryň her biri öz-özüligine galsyn.
Dünýäniň owadanlygy hem güýji onuň köpdürlüligindedir.

© W.P. ŞAWTELI,
Magtymguly adyndaky TDU-nyň
rus dili kafedrasynyň dosenti

*Terjime eden: Altyn ROZYÝEWA,*
*Döwletmämmet Azady adyndaky*
*Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň*
*Türkmen dili kafedrasynyň uly mugallymy,*
*filologiýa ylymlarynyň kandidaty*

*Çeşmesi: Dünýä edebiýaty, 2022/6* Edebi makalalar